# Gözden sypanlar

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gözden sypanlar GÖZDEN SYPANLAR




Gaza – il deñinde ýaşajak bolup çyrpynýan halkyñ kyssasy… Onuñ şum taryhy hiç üýtgemedi:
Müsürliler-Ramzes, giksoslar, palestinalylar, assiriýalylar; babyllylar, persler, Aleksandr Makedonskiý, rimliler, jöhitler, musulmanlar (Haşymyñ Gazasy), haçparazlar-ybadathana rysarlary, Selaheddin Eýýuby, mamlýuklar, Ýolbars ýürekli Riçard, mongollar, osmanlylar, N.Bonapart, Kawalaly Mämmedaly paşa, iñlisler, müsürliler girdi…
1948-nji ýylyñ 22-nji dekabrynda, 1956-njy ýylyñ 2-nji noýabrynda, 1967-nji ýylyñ 6-njy iýunynda Ysraýyl girdi (üçünji ezek girende 27 ýyllyk okkupasiýa döwrüni başdan geçirdi).
2000-nji ýylyñ 28-nji sentýabrynda, 2006-njy ýylyñ 25-nji iýunynda, 2008-nji ýylyñ 27-nji dekabrynda, 2009-njy ýylyñ 22-nji noýabrynda, 2010-njy ýylyñ 9-njy ýanwarynda, 2012-nji ýylyñ 14-nji noýabrynda, 2014-nji ýylyñ 8-nji iýulynda Ysraýyl bombalady.

2023-nji ýylyñ 7-nji oktýabrynda Ysraýyl bombalady we yzyndanam şähere girdi.
Gaza eýýäm ýetmiş ýyl çemesi wagt bäri dünýäniñ iñ uly konslageri!
Nämüçin şeýle?




* * *

Goşmaça paragraf açmaly bolýaryn:

Gazada (Hüseýiniler-Naşaşabiler ýa-da Şawalar-Suraniler ýaly) basdaş maşgalalaryñ arasynda-da aldym-berdimli güýç söweşi bar…

Şeýle-de, musulman-hristian arap nasionalistleriniñ (BAAS)

birleşen göreşi bar…
Gazanyň başyna şunça çozuşyň, basybalyjylykly ýörişleriň gelmeginiň, palestinalylaryň özüniňem birde bölünip birde birleşip durmagynyň gözden sypan esasy sebäbi bar:
Sebitiň geografiki, geostrategiki-geosyýasy taýdan ýerleşişiniň juda möhüm bolmagy…
Gaza göz öňünde tutulan maksatlara ýetmek üçin kritiki sebit bolup durýar…
Hawa, geografiki taýdan ýerleşişi strategiýanyň iň esasy şerti.
Şol sebäpli-de, ilkibaşda deňizýakasynda ýaşaýan halklar bilen birlikde, imperiýalaryň kesişýän ýerinde ýerleşen Gaza taryhyň dürli döwürlerinde elmydama görnüp duran iň gowy ýerdi.
Gazanyň ýerleşen Gündogar Ortaýer deňziniň çanagy taryhyň dürli döwürlerinde baýlygyň we bol-elinligiň çeşmesi boldy. Ýakyn Gündogaryň baýlyklarynyň söwda ýoly arkaly Ýewropa ýaly dünýäniň ähli künjüne daşalan iňňän möhüm punktunyň gürrüňini edýäris. (Gaza jülgesi göçegçi guşlaryňam düşelgesidir…)
Gaza diýmek – söwdanyň gözegçiligini ele almak diýmek. Sebite parahatçylygyň aralaşmagy Gazäni ikinji Gonkonga öwürjekdigi ikuçsyz. Ysraýyl ekstremistleri palestin halkynyň baýamagyny islänoklarmy? Aslynda soragyň jogaby özünde: elbetde, islänoklar!




* * *

Megerem, şu meselede pikirimiz bir bolmaly:

Netanýahu we onun alyp barýan ekstremistik syýasatynyñ tarapdarlary Palestina bilen ýaraşmagyñ pikirini edenok.

Soramaly bolýarys, a «Hamas» näme onda?

«MOSSAD»-yñ nasional-sosialistlere garşy bolandygy üçin 1987-nji ýylda «Hamasyñ» gurulmagyna ýeñ astyndan rugsat berendigi hakda pikir alyşmalyñmy?

«Hamasyñ» Gazadan atan birinji raketasynyñ senesi 2002-nji ýylyñ 10-njy fewraly. Ençeme ýyl bäri gabaw astyndaky Gazadan ýigrimi ýyllap atylyp gelinýän raketalar nirden gelýär. «Hamas» 2023-nji ýylyñ 7-nji oktýabrynda bary-ýogy ýigrimi minudyñ dowamynda Gazadan Ysraýypa bäş müñden gowrak raketa atdy. Her ralketanyñ bahasy 100 müñ dollar. Bu puluñ çeşmesi nirde? Muny üpjün edenleriñ näme maksady bar? Muny derñemäliñmi, soramalyñmy? Bolup geçýänler diñe din urşundan ybaratmy?

Serediñ:

90-njy ýyllarda parahatçylyk şemaly öwüsdi: Žak Şirak, Bill

Klinton, Nelson Mandela ýaly liderler Gazä geldi. Haçanda, 2000-nji ýyllaryň başynda Gündogar Ortaýer deňzinde nebit-gaz ýataklarynyň üsti açyldy welin, uruş başlady! (Ýada salyň: OPEC bargosyna, bütindünýä nebit krizisine 1973-nji ýylyň Arap-Ysraýyl urşy sebäp bolmadymy?)
«Hamasyň» birinji raketa atan wagtyna ýene bir gezek serediň: 2002-nji ýyl…
Ysraýylyň birnäçe ýyl geçensoň bombalama tapgyrynyň başlanýan wagtyna yene hir gezek serediň: 2000-nji ýyl…
«Hamasyň» soňky hüjümi sebitdäki söwda hyzmatdaşlygyna-da ullakan zarba urandygynyň gürrüňini etjek bolýanam ýok? Erdogan 2013-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda ilkinji gezek Netanýahu bilen duşuşypdy. Ikitaraplaýyn resmi saparlaryň bolmagyna garaşylýardy. Hemmesi bir üflände ýom-ýok boldy…
Urşuň ykdysady-syýasy taraplary gözden salynmaly däl…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 29.11.2023 ý. Publisistika